# Ýaşlary galar

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýaşlary galar ÝAŞLARY GALAR…

Ýagyş ýagjak bolýar.
Howa bulaşyk.
Asmanyň ýüzüni kerepläp tutan
Ikiýan urunýan gara bulutlar
Sümükden doluşan çagaň burny deý
Suwly tumşugyny göterip bilmän
Daglaň arkasyna syňkyryp, çyrşap
Gaçyp gitmäň emelini gözleýär…
Terk edilen şäher ýaly içgysgynç
Neneňsi biderek, bimany dünýä
Dolap almak üçin hapa gujagna
Gözýetimde tüweleýler pyrlanýa…
Daglar bolsa äwmän bimanylygy
Gyzykly kinonyň arasyn bölüp
Çilim çekjek bolup daşaryk çykan
Gojalaň burnundan tüsse çykaryp
Keýpine humarlap duruşy ýaly
Serindäki dumanyna gark bolup
Ymyzganyp ýatyr ýolbars mysaly…
Urnup-urnup geçer gider bulutlar
Daglar öňküsi deý uklar… oýanar
Duýmazam dek ýaňy jülgeleriniň
Hanasyny hapa silden dolduryp
Sümügini döküp giden bulutlaň
Garaşjagam bolman ýene gelerne
Kerkawlaram ygşyldaşar, daranar…
Siller akar gider, daşlary galar
Dereleri böwsüp binowa halda
Käkilikleň güzerine öwrülip
Çeşme bolup akjak ýaşlary galar…

◆ ◆ ◆

Ne men oglum barka,
ogra gülmerin
Ne men gyzym barka,
küntä gülmerin.
Ýöne;
ogra ogry,
küntä-de künti
Diýmeklikde hiç bir gypynç görmerin.
Magat göz ýetirip duranam bolsam
Birmahal ýüzüniñ suwy sypyrlyp
Her geçeniñ elniñ kiri süpürlip
Gatap giden köne esgi mysaly
Şalhasy sallanan loly dünýäniñ
Müñ ýerinden ýel şuwlaýan deşigniñ
Ýamap bilmejegmi birje ýyrtygyn
Dogjak çagy bütin älem synlaýan
Aýa meñzeş hakykatyñ bardygny
Aýdaryn!
Goý, onsoñ ogrular, küntüler üýşüp
Meni özlerine duşman saýsynlar
Ýüwürsinler,
Pişigiñ bar çaltlygy
Samanhana çenli diýipdirler-ä,
Arabaly towşan tutuljak güne
deñeç ýalan-ýaşryk gybat ýaýsynlar…
Daglaryñ bagrynda doglan bürgüdiñ
Ak şäheriñ asmanynda pel-pelläp
Gulatynyñ ganatyny saýalan
Gözli kör akmaklañ dik depesinden
Şaglap injegimi bilip durlar-a…
Aý aýlanar.
Ýyl dolanar.
Wagt geçer…
Kimiñ ogrulygny paş eden bolsam
Kimiñ küntüligni paş eden bolsam

Ýalançyny hasabyna ýaşadýan
Zanny päk adamlar toýda-baýramda
Kimden näme bukjagyny bilerler
Haýsy haýýar künti bilen ýalňyşyp
Bir saçakda duz iýmeli däldigne
Birmahallar dilime tüý çykaryp
Aýdan sözlerimi ýatlarna salyp
Göz ýetirerler …

Has Türkmen Goşgular